# Merdana esger

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Merdana esger MERDANA ESGER

Näbelli ýok munda, ol Belli esger,
Ady dünýä ýaýran gudratylla ol.
Gudratam alnynda, meger, baş eger,
Taýdyr milýon-milýon ady bellä ol.

Erk edýär ol esger egsilmez güýje,
Didelerden köñül törüne çenli.
Bardyr ol gerçekde dürli dereje:
Watançy, Gaýduwsyz, Merdan, Edenli…

Dünýäniñ öñünde haklap borjuny,
Ýowuz jeñde bize bolupdy pena.
Oña tagzym edýär indi barça il,
Oñ ady dünýäniñ dilinde sena.

Goradt ol ojagmyzy – öýmüzi,
Gorady ýaýlalañ läle meñzini.
«Gözel durmuş nurlandyrsyn, goý, sizi!»
Diýip, ol haklady türkmen lebzini.

Näbelli ýok munda, ol Belli esger,
Gör, dünýä dur onuñ merdem egninde.
«Batyr, sen bar, biz bar!» ýañlanýar sesler,
Bu bagtyn Wagt alabilmez elinden…

Hajy KAKALYÝEW. Goşgular